Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BÜTIN ADAMZADYŇ WE ÄHLI DÖWÜRLERIŇ
IŇ GYMMATLY BAÝLYGY BILIMDIR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 6-njy apreli

№ 27 (10469)

DUŞENBE



# BELENT MAKSATLY ÖZGERTMELER

**«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda netijeli ösüş gazanylýar. Şunuň bilen baglylykda, 3-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Mejlisde şu ýylyň üç aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa 2026-njy ýylyň ýanwar — mart aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz döwletimiziň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň kanunçylygyny döwrüň talabyna görä kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň birinji çärýeginiň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim artdy, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 2,4 göterime, gurluşykda 6 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 10,3 göterime, söwdada 8,3 göterime, oba hojalygynda 2,4 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,3 göterime deň boldy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda jemi öndürilen önüm 10,4 göterim artyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik netijeleri gazanyldy. Hasabat döwründe bölek satuw haryt dolanyşygy 10,4 göterim, daşary söwda dolanyşygy bolsa 3,7 göterim artdy. Şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynyň jemleri boýunça Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň meýilnamasy 102,3 göterim, çykdajy böleginiň meýilnamasy 97,2 göterim ýerine ýetirildi.

Hasabat döwründe býujetden maliýeleşdirilýän we hojalyk hasaplaşygyndaky döwlet kärhanalarynda zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 5,3 göterim ýokarlandy. Şeýle hem Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýerine ýetirilen işler, şol sanda dürli maksatly desgalaryň gurluşygy barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere jemi içerki önümiň ösüşini durnukly saklamagy dowam etdirmegi, býujet serişdeleriniň tygşytly we maksatlaýyn peýdalanylmagyna berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew gözegçilik edýän ugurlarynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda 2026-njy ýylyň ýanwar — mart aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda meýilleşdirilen çärelere gowy taýýarlyk görmegiň hem-de olary ýokary derejede geçirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere halkara medeni hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri, medeni mirasymyzy öwrenmek, taryhy-medeni ýadygärlikleri dikeltmek işlerini dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda netijeli işleri alyp barmagyň, orta hem-de ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmagyň, mekdep okuwçylarynyň, talyplaryň arasynda halkara bäsleşikleri, olimpiadalary geçirmegi dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz wise-premýere saglygy goraýyş ulgamynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegi, ýaşlaryň sagdyn durmuş kadalaryna eýermegi üçin degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda Daşary işler ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň ählumumy abadançylyga gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýandygyny, ýurdumyzyň dünýäniň ähli döwletleri, halkara guramalar bilen deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýändigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew gözegçilik edýän düzümlerinde 2026-njy ýylyň ýanwar — mart aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan jogapkärli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### A.O.ATABAÝEWA hakynda

**Aknabat Orazmyradowna Atabaýewany,** başga işe geçmegi sebäpli, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň rektory wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2026-njy ýylyň 3-nji apreli.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### B.M.TAŇRYBERDIÝEW hakynda

**Baýram Mälikberdiýewiç Taňryberdiýewi** Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň rektory wezipesine belläp, ony Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektory wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2026-njy ýylyň 3-nji apreli.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### A.Ö.GURBANNAZAROW hakynda

**Arslan Öwezdurdyýewiç Gurbannazarowy** Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektory wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2026-njy ýylyň 3-nji apreli.

# ÝURDUMYZYŇ ASUDALYGY ÜPJÜN EDILÝÄR

**1-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň üç aýynda alyp baran işleriniň netijelerine seredildi. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, işini has-da kämilleşdirmäge degişli meseleleriň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy.**

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, Watan goragçylarynyň gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, serkerdeleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak babatda görülýän çäreler, çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary gullukdan boşatmagyň we harby gulluga nobatdaky çagyrylyşyň barşy barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimiziň goranmak ukybyny döwrüň talabyna görä has-da berkitmek maksady bilen, Ýaragly Güýçlerimizi döwrebaplaşdyrmak, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine raýatlary çagyryş boýunça harby gulluga çagyrmak we harby gullukdan boşatmak boýunça işleriň guramaçylykly ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Baş prokuror B.Muhamedow, içeri işler ministri M.Hydyrow, Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew, milli howpsuzlyk ministri D.Meredow, Döwlet serhet gullugynyň başlygy I.Ilamanow, adalat ministri M.Taganow, Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, ýerine ýetirilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow 2026-njy ýylyň ýanwar — mart aýlarynda ýolbaşçylyk edýän düzüminiň ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, gullugy ösdürmegiň maksatnamasyny üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, ýurdumyzda migrasiýa işini kämilleşdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi hem-de migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişini yzygiderli gözegçilikde saklamak babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň howpsuzlygyny we çäk bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy hem-de bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

Mejlisiň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, halkymyzyň asuda hem-de bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan jogapkärli gulluklarynda uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

7-nji aprel — Bütindünýä saglyk güni

# Ruhubelentligiň aýdyň ýoly

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, ýaz paslynda her ýyl uly dabara bilen bellenilýän Bütindünýä saglyk güni ajaýyp baýramlaryň birine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Bütindünýä saglyk güni täze mazmunly ýörelgeler bilen rowaçlandyrylýar, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgeleri işjeň ornaşdyrylýar, bedenterbiýe we sport wagyz edilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda eziz Diýarymyz halkara derejedäki baýramy — Bütindünýä saglyk gününi giňden belläp geçýär. Bütindünýä saglyk güni ynsan saglygyna, bedenterbiýä we sporta aýratyn ähmiýet berilýän hem-de ynsanperwerligiň belent däplerini dabaralandyrýan baýramdyr. Milli senenamamyza girizilen bu baýram jemgyýetimiziň sagdynlygyny, agzybirligini, jebisligini, ägirt uly döredijilik mümkinçiliklerini özünde jemleýän baýramlaryň biridir.**

Türkmenistanda halkymyzyň saglygy, ýaş nesillerimiziň bagtyýar, asuda ýaşaýşy barada alada edilip, häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda, köpçülikleýin bedenterbiýäni, Olimpiýa hereketini, sport medeniýetini ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän iri sport hem-de atçylyk sport toplumlary, stadionlar, sport mekdepleri guruldy we gurulmagy dowam edýär.

Bedenterbiýe we sport halkymyzyň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlaryň, köpçülikleýin bedenterbiýe we sagdyn, ruhubelent durmuş ýörelgesini wagyz etmek boýunça çäreleriň öz beýanyny tapmagy her bir raýatda sporta bolan islegi oýarmaga hem-de onuň bilen yzygiderli meşgullanmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini işjeň ornaşdyrmak, bedenterbiýäni we sporty wagyz etmek, saglygy goraýyş we sport babatda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak baradaky asylly başlangyçlarymyzyň dabaralanýandygy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň ygtybarly görkezijisi, özgeriş-öňegidişligiň daýanjy hasaplanýan ynsan sagdynlygyny we abadançylygyny üpjün etmek ugrunda ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen düzümleri, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen üstünliklere ilerleýän beýik işleri Türkmenistanyň halkara giňişligindäki atabraýyny has-da belende göterýär.

Her ýylyň 7-nji aprelinde giňden bellenilip geçilýän Bütindünýä saglyk gününe bagyşlanyp guralýan çäreleriň many-mazmuny has-da baýlaşdyrylýar. Ynsan saglygyna dünýä jemgyýetçiliginde möhüm ähmiýet berilýändigini dabaralandyrýan, ählumumy parahatçylygy pugtalandyrýan we halklary jebisleşdirýän, dostlugy we ynsanperwerligi wagyz edýän, sporta we sagdynlyga ugrukdyrýan şanly sene ýurdumyzda ählihalk ruhubelentligi, ylham joşgunlygy bilen garşylanýar. Bütindünýä saglyk güni mynasybetli giňden ýaýbaňlandyrylýan dabaralaryň çäklerinde guralýan medeni-köpçülikleýin çärelerde, şol sanda welosipedli ýörişlerde ynsan saglygyny goramak babatda ýurdumyzda amala aşyrylan depginli işleriň waspy belentden ýetirilýär.

Bütindünýä saglyk güni mynasybetli köpçülikleýin welosipedli ýörişler, dürli bedenterbiýe-sagaldyş we sport çäreleri, ýaş türgenleriň görkezme çykyşlary paýtagtymyz Aşgabatda, Arkadag şäherinde, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ýaýbaňlandyrylýar. Bu çäreler türkmenistanlylaryň sagdyn durmuş kadalaryna, parahatçylygyň we sagdynlygyň aýrylmaz bölegi bolan halkara sport we ekologiýa hereketiniň ýörelgelerine ygrarlydygyny, halkymyzyň agzybirligini we jebisligini ýene bir gezek bütin dünýä äşgär edýär.

Hormatly Prezidentimiziň şahsy göreldesi we oňyn başlangyçlary esasynda ýurdumyzyň ähli ilaty, aýratyn-da, ýaşlar sportuň dürli görnüşleri bilen işjeň meşgullanýarlar. Ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini höweslendirmek bilen bir hatarda, ýokary netijeli sportuň ösdürilmegine, dünýä derejeli türgenleriň we tälimçileriň, beýleki ugurdaş hünärmenleriň taýýarlanylmagyna, şeýle hem bu ugurda netijeli halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine yzygiderli üns berilýär.

Häzirki döwürde türkmen türgenleri abraýly halkara ýaryşlara yzygiderli gatnaşyp, öz ussatlyklaryny görkezýärler we baýrakly orunlary eýeläp, dürli derejeli medallara mynasyp bolýarlar. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzy sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwürmek ugrunda edýän ýadawsyz tagallasynyň we oňyn başlangyçlarynyň aýdyň netijesidir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Bütindünýä saglyk güni mynasybetli hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda köpçülikleýin bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çäreleriniň geçirilmegi jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň işjeň ornaşdyrylmagyna, bedenterbiýäniň we sportuň wagyz edilmegine, ösdürilmegine, saglygy goraýyş we sport babatda halkara hyzmatdaşlygynyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilendir. Bu çäreler döwrebap mazmunly ýörelgeler bilen rowaçlandyrylyp, sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek bilen baglanyşyklydyr. Sagdyn durmuş halkymyzyň saglygyny berkitmäge, gujurly, berk bedenli hem-de ruhubelent ýaşlary terbiýelemäge gönükdirilen möhüm ugurdyr.

**Güljan BEKIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkeziniň redaktory.**

# SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGESI ROWAÇLANÝAR




Häzirki ajaýyp döwrümizde hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde beýik işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda raýatlaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi, döwrebap mümkinçiliklerden peýdalanmagy üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Esasan hem, ýaş nesilleriň bilim öwrenmegi, kämillik ýolundan ynamly öňe gitmegi üçin mümkinçilikler döredilýär. Şunda bilim ulgamynyň ösdürilýändigini, sagdyn durmuş ýörelgesiniň rowaçlanýandygyny hem bellemek gerek. Munuň özi jemgyýetimiziň sagdynlygynyň, ýurdumyzyň ösüşiniň aýdyň beýanydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde sagdyn durmuş ýörelgeleri ösdürilýär, ýaşlaryň sport bilen meşgullanmaklaryna giň mümkinçilikler döredilýär. Asylly däp-dessurlarymyz, durmuş ýörelgelerimiz sagdynlygyň gözbaşydyr. Türkmen halky tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak, toý-baýramlarda milli oýunlary dabaralandyrmak bilen sagdynlygyň kämil nusgasyny kemala getiripdir. Muňa mysal edip, türkmeniň milli oýunlarynyň sport bilen berk baglanyşyklydygyny beýan etmek bolar. Has takygy, ýaglyga towusmak, türkmen milli göreşi, at üstündäki oýunlar toýlarymyzyň bezegidir. Bularyň ählisi sagdyn durmuşyň, adam saglygyny berkitmegiň asylly ýörelgeleridir.

Nusgawy edebiýatymyzda: «Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy» diýlen meşhur setir bar. Saglyga, sagdyn durmuş ýörelgelerine oňyn garaýşy emele getirmäge gönükdirilen mysallary türkmen halk döredijiliginiň islendik eserinde görmek bolýar. Bu asylly ýörelgeler häzirki döwrümizde hem üstünlikli dowam edýär. Bu günki günde ýaşlaryň arasynda dürli sport çäreleri, bäsleşikler geçirilýär. Biziň ýaşlarymyz sagdyn durmuş ýörelgesine eýe bolýan şeýle çärelere işjeň gatnaşýarlar.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde durmuşa geçirilýän beýik işler bu gün Watanymyzy sportuň durnukly ösdürilýän ýurtlarynyň biri hökmünde dünýä tanadýar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzda bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilmegi babatda uly işler amala aşyrylýar. Welosiped sporty, futbol, suwda ýüzmek, göreş we sportuň beýleki görnüşleri bilen meşgullanýanlaryň sany gün-günden artýar. Durmuşyň möhüm düzüm bölegi bolan sportda döwlet syýasatynyň baş maksady sagdyn we ruhubelent ýaşlary terbiýelemekden ybaratdyr. Sporty ösdürmek, sagdyn jemgyýeti goldamak hormatly Prezidentimiziň parasatly syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda sporty dünýä derejesine çykarmakda alnyp barylýan düýpli işler bellenmäge mynasypdyr. Üstünlikli amala aşyrylýan «Saglyk» Döwlet maksatnamasy milletimiziň sagdynlygyny gazanmakda, keselleriň öňüni almakda uly ähmiýete eýedir. Sagdyn durmuş ýörelgesini ýaýbaňlandyrmak saglygy goramakdyr. Hereket saglygyň, owadanlygyň hem-de şähdaçyklygyň çeşmesidir. Sagdyn jemgyýeti emele getirýän ylymly-bilimli, ýokary hünärli sagdyn nesiller Watanymyzyň geljegidir.

Sport çäreleri jemgyýetimizi jebisleşdirýän ugurlaryň birdir. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak geljekki ösüşlere ruhlandyrýar, adamynyň sagdyn durmuşyny üpjün edýär. Hut şu nukdaýnazardan, bedenterbiýe we sport bilen baglanyşykly çäreler, ýaryşlar orta we ýokary okuw mekdeplerinde hem geçirilip durýar. Munuň özi ýaşlaryň sport bilen meşgullanmaklaryna, ussat türgenler bolup ýetişmegine ýardam berýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent özgertmeleri amala aşyrmagyň çäklerinde köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini, sporty has-da ösdürmekde uly ösüşler gazanylýar.

Häzirki döwürde sagdyn durmuş ýörelgesini ösdürmek üstünlikli amala aşyrylýar. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýan ýaşlarymyz sagdynlygyň ýörelgesine eýermek bilen kämilligiň ýolundan ynamly öňe barýarlar. Sport ýaryşlarynda türgenlerimiziň gazanýan üstünlikleri ata Watanymyzyň abraýyna abraý goşýar.

**Döwletgeldi ÇARWAÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň prorektory.**

# SANLY ULGAM ARKALY OKUWLARY GURAMAK

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde halk hojalygynyň dürli ugurlarynda, şol sanda ýurdumyzyň agrosenagat toplumynda hem düýpli özgertmeler amala aşyrylyp, zähmet üstünlikleri gazanylýar. Häzirki döwürde ylmyň gazananlarynyň önümçilige giňden ornaşdyrylmagy netijesinde bu arabaglanyşygyň ýola goýulmagy bilen oba hojalyk pudagynyň binýady has-da berkidildi. Bu bolsa gazanylýan ösüşleri pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.**



S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okatmagyň netijeli usullaryna ähmiýet berlip, talyp ýaşlara STEM usulyýeti boýunça oba hojalygynyň dürli ugurlaryndan nazary bilim bermek we ylmy-barlag işlerini ýerine ýetirmek esasynda netijeli işler alnyp barylýar. Talyp ýaşlara okuw dersleriniň has-da çuňlaşdyrylyp öwredilmeginde sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak boýunça durmuşa geçirilýän işleriň hatarynda STEM usulyýetini ulanmak ähmiýetlidir.

STEM usulyýetiniň mümkinçiliklerinden peýdalanmak arkaly talyplar aýratynlykda ýa-da toparlaýyn ýumuşlary ýerine ýetirmäge, hünär ugruna degişli bolan tehnologiýalardan ýokary derejede baş alyp çykmaga, tebigy hadysalara matematikanyň we fizikanyň çemeleşmeleriniň esasynda seljermeleri geçirmek boýunça ukyp-başarnyklaryny ýokarlandyrmaga, ylmy-barlag, döredijilik-taslama işlerini kämilleşdirmäge mümkinçilik alýarlar.

Simulýator — munuň özi mehanizmleriň, desgalaryň we ulgamlaryň elektron hasaplaýjy enjamlardaky interaktiw häsiýetli imitasiýasydyr. Simulýatorlar tebigy hadysalary, düşünjeleri şekillendirmek bilen bagly bolan hyýaly tejribeleri geçirmek üçin ýörite programmalar arkaly döredilýär.

Fizika, himiýa, biologiýa ýaly tebigy derslerde, galyberse-de, oba hojalyk ylmynyň dürli ugurlarynda ekerançylyk, agrohimiýa, suwaryşyň esaslary, entomologiýa, ösümlikleri goramak, ýüpekçilik, ýer gurluşygy, oba hojalygyny mehanizasiýalaşdyrmak, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek, maldarçylyk we beýleki derslerde guralýan sapaklarda ähmiýetli bolýar. Şeýle-de ylmy-barlag işleriniň häzirki zaman kämil ýyladyşhanada ýerine ýetirilmegi möhüm ähmiýete eýedir. Uniwersitetimizde döwrüň kämil tehnologiýalaryny özünde jemleýän awtomatlaşdyrylan ýyladyşhana hereket edýär. Ol ýerde uniwersitetiň professor-mugallymlary we talyp ýaşlary özleriniň hünär ugurlary bilen baglanyşykly ylmy-barlag işlerini alyp barýarlar. Ýyladyşhananyň gurluşy we onda ýerine ýetirilýän işler, ýagny ösümliklere suw we dökün bermek, ýyladyşhananyň içerki howasyny çyglandyrmak we çalşyp durmak, ýylylyk bilen üpjün etmek kompýuter programmasy bilen amala aşyrylýar.

Ýaşlara häzirki döwrüň kämil tehnologiýalaryny öwretmekde, nazaryýetde öwrenilen bilimi amaly taýdan ýerine ýetirmekde sanly ulgamyň mümkinçilikleri ähmiýetlidir.

**Jennet HOMMADOWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.**

# ÜSTÜNLIGIŇ AÝDYŇ BEÝANY

Türkmen halkynyň asylly ýörelgelerine laýyklykda, toýlara taýýarlykly barmak, baýramlary uludan bellemek bagtyýarlykdyr. Hut şeýle asylly ýörelgä esaslanyp, şu ýylda belleniljek şanly senä uly ruhubelentlik bilen barýarys. Çünki döwlet Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk taryhy senesini mynasyp zähmet sowgatlary bilen şöhratlandyrmak höwesi ýurdumyzda islendik ugurda we islendik kärde zähmet çekýän watandaşlarymyzyň baş maksadyna hem-de köňül küýsegine öwrüldi. Bu bilim işgärleri, mugallymlar babatda hem hut şeýledir. Bir söz bilen aýdylanda, şu günler ýurdumyzda emele gelen ýokary ruhubelentlik ähli ildeşlerimiziň ruhuna ruh goşup, olary rowaçlyklaryň belent sepgitlerine galkyndyrýar. Ylym-bilimde hem kämil hünärmenleri taýýarlamak, bilen beýik ösüşlerimize goşant goşýan mugallymlar üstünlikli zähmet çekýärler. Bu bolsa her bir ugruň ösüşlere beslenýändigini aýdyň beýan edýär.

Pähimdar ata-babalarymyzyň arzuwlarynyň hasyl bolan ajaýyp döwründe köpasyrlyk milli we ruhy gymmatlyklarymyzy, şeýle hem arzyly ynsanperwer däplerimizi ýörelge edinýäris. Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň mizemezligi döwletiň hem halkyň jebisliginde jemlenýär. Türkmenistan ýurduň ykdysadyýetde, medeniýetde, bilimde, ylymda, sportda we beýleki ugurlarda taryhy ösüşlerini üpjün edýän Garaşsyzlyk ýoly bilen öňe barýar. Munuň özi ykdysady we ynsanperwer ölçeglerde uly ösüş mümkinçilikleri bolan ýurdumyzyň bedew batly gadamlaryny beýan edýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýunyň toýlanýan ýylynda halk bähbitli beýik işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz şu ýylda gazanyljak ösüşlerimiz barada şeýle belleýär: «Şu ýyl Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat bölegini, Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda täze, döwrebap obany, Gyzylarbat etrabynda köpugurly elektrik stansiýasyny, Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şäherçesinde ýaşaýyş jaýlar we binalar toplumyny ulanmaga bereris. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary hem dabaraly açylar». Şu parasatly sözlerden hem görşümiz ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyz uly üstünliklere beslenýär. Şeýle belent üstünlikleriň hatarynda ylym-bilimiň ösüşlerini hem görmek buýsandyryjydyr.

**Roza AGAHANOWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň uly mugallymy.**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri agzybir halkymyzyň il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli beýik maksat-tutumlarynyň, ýagşy arzuwlarynyň üstünlikli amala aşyrylýan ajaýyp zamanasydyr. Häzirki ajaýyp döwürde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda milli bähbitlerimizi, dost-doganlyk, hoşniýetli hyzmatdaşlyk ýörelgelerimizi naýbaşy orunda goýup, eziz Diýarymyzy ähli ugurlarda gülläp ösýän ýurda öwürmek asylly maksat bolup durýar. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň bagtyýar raýatlary bu babatdaky giň gerimli özgertmeleriň rowaçlyklara beslenmeginde döredijilikli zähmetiň nusgasyny görkezýärler.**

# BEÝIK MAKSATLAR — BAGTYÝAR DURMUŞYMYZYŇ BEZEGI

Şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk taryhy senesine beslenýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň beýik tutumlary, röwşen geljegimize gönükdirilen iri möçberli taslamalary muny aýdyň görkezýär. Dünýä jemgyýetçiliginiň uly gyzyklanmalary hem-de goldawlary bilen gurşalan şeýle döwletli tutumlar ýurdumyzyň bedew batly okgunly ösüşleriniň, ynsanperwer syýasatynyň hemişe rowaçlyklara beslenýändiginiň buýsançly beýanydyr.

Ýylyň çuň mazmunly şygary türkmen halkynyň ýurdumyzda gazanylýan taryhy üstünliklere, ýetilýän belent sepgitlere bolan milli buýsanjyny, şeýle köpugurly özgertmeleriň dowamat-dowam bolmagy babatdaky naýbaşy arzuwyny aýdyň şöhlelendirýär. Sebäbi halkymyz hemişe-de ýagşy umyt-arzuwlaryny, maksat-tutumlaryny, amala aşyrýan beýik işlerini iň eziz görýän gymmatlyklary bilen deňäp, şonuň üsti bilen beýan edipdir. Ýurdumyzyň beýik Garaşsyzlygymyza, hemişelik Bitaraplygymyza daýanýan köptaraply üstünlikleriniň bedew badyna deňelmegi muňa anyk subutnamadyr.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji aýynda Monte-Karlo şäherinde geçirilen halkara sirk sungaty festiwalynda sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna Bütindünýä sirk federasiýasynyň we Ýewropa Sirk assosiasiýasynyň halkara şahadatnamalarynyň gowşurylmagy hem diňe bir ýylyň taryhy wakasy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, türkmen halkynyň ýagşy arzuwlarynyň dabaralanmasyna öwrüldi. Şeýle hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Hytaý Halk Respublikasyna dostluk saparynyň çäklerinde «Equuleus» halkara atçylyk toplumyna baryp görmegi, Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan HHR-iň Başlygy Si Szinpine Gadyrly atly ajaýyp ahalteke atyny sowgat hökmünde gowşurmagy dünýäde hoşniýetli gatnaşyklarymyzyň rowaçlyklara beslenýändiginiň güwäsidir. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ynsanperwer ýörelgelere esaslanýan beýik maksat-tutumlar bolsa elmydama bagtyýar durmuşymyzyň bezegidir.

Täze taryhy eýýamda ýurdumyzy ýokary derejede ösen, ykdysady taýdan kuwwatly, syýasy taýdan durnukly, raýat jemgyýetli döwlet hökmünde gazanan halkara abraý-mertebesini has-da belende götermek babatda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmelere mynasyp goşant goşmagy Türkmenistanyň Demokratik partiýasy hem hemişe baş maksat edinýär. Şeýle asylly maksatdan gelip çykýan wezipelere berk eýerýän partiýanyň Balkan welaýat komiteti hem ýurdumyzda alnyp barylýan düýpli özgertmeleriň, ýubileý ýylynyň şygarynyň hem-de taryhy tutumlarynyň çuňňur many-mazmunyny, dünýä ähmiýetini açyp görkezmekde zerur tagallalary edýär. Şu maksat bilen sebitiň ilatynyň arasynda dowamly geçirýän syýasy-düşündiriş, wagyz-nesihat çärelerimiziň täsirli, netijeli bolmagyna aýratyn ähmiýet berýäris.

**Guwanç ÇENDIROW,**
**Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Balkan welaýat komitetiniň başlygy, Mejlisiň deputaty.**

BILIM IŞGÄRLERINIŇ iş tejribesinden

## Sapaklary täsirli guramak

Mekdepde 4-nji synplarda aýdym-saz sapaklaryny täsirli guramakda dürli usullardan peýdalanýarys. «Aýdymlar» diýen tema boýunça okuwçylara giňişleýin düşünje berýäris. Aýdym-sazyň durmuşymyzyň aýrylmaz bölegidigine okuwçylaryň ünsüni çekýäris. Aýdym hemme ýerde — radioda we telewizorda, teatrda we konsert zallarynda, mekdeplerde ýaňlanyp durýar. Adamlaryň durmuşynyň köp wakalary aýdym bilen baglanyşyklydyr. Ynha, mylaýym hüwdi bilen kiçijik bäbejikler uka batýarlar, okuwçylar aýdym bilen Watanymyzyň ähli baýramçylyklaryny garşylaýarlar.

Sapakda goşgynyň sözleri we heň goşulyşyp, aýdymy emele getirýändigine okuwçylaryň ünsüni çekýäris. Goşguda beýan edilenleri heň has hem baýlaşdyrýar, ösdürýär we durmuş gözelligini owazlar bilen suratlandyrýar. Aýdymda bir heň bolup, ol şygryň dürli bentleri bilen birnäçe gezek gaýtalanýar. Käbir aýdymlarda her bentden soň, sözleri üýtgewsiz gaýtalama ýaňlanýar. Aýdymlara dutar, gyjak, tüýdük ýaly saz gurallary ýa-da orkestr bilen sazandarlyk edilýändigini düşündirýäris. Ýöne aýdymlaryň hiçbir sazandasyz aýdylýanlarynyň hem bardygyny okuwçylara aýdýarys, ýagny muňa birnäçe mysallary getirýäris (hüwdüler, läleler). Eger hor eseri hiç bir saz guralsyz ýerine ýetirilýän bolsa, oňa akopella eseri diýilýändigini aýdyp, muňa degişli multimedia tagtasynda mysala ýüzlenýäris.

**Aýna HOJADURDYÝEWA,**
**Mary şäherindäki 30-njy orta mekdebiň mugallymy.**

## Okatmagyň döwrebap usuly

Guraýan her bir sapagymyzy innowasion tehnologiýalaryň kömeginden giňden peýdalanyp, geçilýän täze temany okuwçylaryň oňat özleşdirmeklerinde döwrebap we işjeň usullardan peýdalanmak ýaş nesliň akyl ýetiriş işjeňligini artdyrýar.

9-njy synplarda edebiýatdan türkmen halk döredijilik eserleriniň bir görnüşi bolan nakyllar öwredilende, watançylyk, il-gün, ata-ene, dostluk, agzybirlik, zähmetsöýerlik, ahlak, adamkärçilik mertebesi, öwüt-nesihat, ylym-bilim hakyndaky dürli temalardan nakyllaryň bardygyny prezentasiýanyň üsti bilen, okatmagyň dürli usullaryndan peýdalanyp, giňişleýin maglumatlar bilen okuwçylary tanyşdyrýarys. Sapagyň dowamynda «Paýhas çeşmesi» atly kitapdan nakyllary ýatdan aýtmak, şeýle-de başy başlanan nakylyň yzyny dowam etdirmegi guraýarys. Bu usul okuwçylaryň dil baýlygyny, ýatkeşligini, sözleýiş medeniýetini ösdürmekde has ähmiýetlidir. Sapakda öwrenilen täze nakyllaryň manysyny düşündirmekde okuwçylar bilen özara pikir alyşmak, sorag-jogap görnüşi hem netijeli usullaryň biridir.

Türkmen halk döredijiliginiň watançylyk, il-gün, ata-ene, dostluk, agzybirlik, zähmetsöýerlik, ahlak, adamkärçilik mertebesi, öwüt-nesihat, ylym-bilim hakyndaky nakyllary ýatdan öwrenip gelmeklerini tabşyryp, sapagymyzy jemleýäris.

**Gülaram HEZZIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky 1-nji Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň mugallymy.**

# YLYM-BILIM BABATDA HYZMATDAŞLYK

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýola goýan asylly başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda giň gerimli bilim özgertmeleri durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň döwrebap bilim almaklary üçin häzirki zaman sanly serişdeleri, programma üpjünçilikleri bilen üpjün edilen bilim edaralary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär.**

Häzirki wagtda Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde daşary ýurtlaryň öňdebaryjy ugurdaş ýokary okuw mekdepleri, daşary ýurt kompaniýalary we halkara guramalar bilen tejribe alyşmak, dünýä standartlaryna laýyk gelýän ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň häzirki zaman usullaryny ornaşdyrmak boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmak babatda yzygiderli işler alnyp barylýar.Ýakynda uniwersitetde Belarus tarapynyň sanly ulgam arkaly geçiren «Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary: gazanylan üstünlikler, meseleler, innowasiýalar (IKT-2026)» atly IV Halkara ylmy-amaly maslahatynyň birinji we üçünji bölümçeleriniň işleri geçirildi. Halkara ylmy-amaly maslahata ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, ylmy işgärleri, talyplary, daşary ýurt kompaniýalarynyň hünärmenleri gatnaşdylar.Halkara derejesindäki bu maslahatyň esasy maksady sanly innowasiýalaryň ösüş ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmakdan, häzirki zaman tehnologiýalarynyň ylym-bilim ulgamyna ornaşdyrylmagynyň mümkinçiliklerini seljermekden we sanlylaşdyrma boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekden ybaratdyr. Halkara ylmy-amaly maslahatyň açylyş dabarasynda çykyş edenler ýaş nesliň sanly ulgamyň we ýokary tehnologiýalaryň döredýän mümkinçiliklerinden mynasyp baş çykarmaklary üçin giň gerimli bilim özgertmeleriniň durmuşa geçirilýändigini bellediler. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň döwrebap bilim almaklary üçin häzirki zaman multimedia enjamlary bilen üpjün edilen bilim edaralary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda sanly we innowasion tehnologiýalar, telekommunikasiýalar ýaly çalt depginde ösýän ugurlara ýöriteleşen bilim edaralary döredildi. Ykdysadyýetiň ösüş ugrunyň özgerýän şertlerinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde täze hünär ugurlary yzygiderli açylýar. Olarda bilim alýan ýaşlar innowasiýa we tehnologiýa babatda özleriniň oýlap tapyşlaryny, programma üpjünçiliklerini hödürläp bilýän ýaş hünärmenler bolup ýetişýärler.

Maslahatda iki döwletiň bilim edaralarynyň sanly tehnologiýalara geçmek boýunça durmuşa geçirýän ulgamlaýyn işleri, bilim ulgamynyň barha artýan sanly ösüşiniň depginleri hem-de bu ugurda alnyp barylýan halkara hyzmatdaşlygynyň ähmiýeti bellenilip geçildi. Maslahata gatnaşan daşary ýurtlaryň wekilleriniň çykyşlarynda bilim ulgamynda, täze tehnologiýalary oýlap tapmak işinde bilim edaralary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge bolan taýýarlyk beýan edildi. Şeýle hem bilim ulgamyny innowasiýa ýoly bilen ösdürmekde hünärmenler babatda ägirt uly mümkinçilikleriň bardygy bellenip geçildi.

**Döwletgeldi TEJENOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.**

# OKUW-TERBIÝEÇILIK IŞLERI KÄMILLEŞDIRILÝÄR

Ýurdumyzyň bilim ulgamynda okuw-terbiýeçilik işleriniň alnyp barlyşynyň häzirki tapgyrynda geljekki ösüşlere işjeň goşulmaga, Watanyň bähbidini ileri tutmaga taýýar nesli ýetişdirmek işine aýratyn üns berilýär. Şol sanda bilimli-terbiýeli, bilim almaga höwesli, halkara derejede bäsdeşlige ukyply, ahlak taýdan arassa, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen, kämil şahsyýeti kemala getirmek işi mekdebe çenli çagalar edaralaryndan başlanýar.

Aşgabat şäher Baş bilim müdirligine degişli bolan mekdebe çenli çagalar edaralarynda ýyl boýunça möwsümleýin iş meýilnamalary taýýarlanylýar. Körpe nesle bilim-terbiýe, sowat öwretmek meselesinde dünýäniň öňdebaryjy tejribeleri esasynda çemeleşilmegi ýola goýulýar. Bu babatda «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» esasynda öňde durýan wezipeler bilim işgärlerini has hem borçlandyrýar. Konsepsiýanyň maksadyna we wezipelerine laýyklykda, 2028-nji ýyla çenli döwrüň dowamynda umumybilim maksatnamalary boýunça bilimiň ähli derejelerinde okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek maksat edinilýär. Mekdebe çenli bilim maksatnamasy boýunça çagalaryň umumy hereketiniň, duýgularynyň, medeni we arassaçylyk endikleriniň sazlaşykly ösüşini gazanmak esasy zerurlyklaryň biridir. Mekdebe çenli çagalar edaralaryndaky bilimiň mazmuny körpeleriň hemmetaraplaýyn ösüşine degişli döwlet bilim standartlarynyň bildirýän talaplarynyň gazanylmagyny üpjün edýän bilim maksatnamalary işimiziň ýene-de bir esasy düzüm bölegi bolup durýar.





Okuw-terbiýeçilik işlerinde ýokary netijeleri gazanmak üçin okuw maksatnamasyndaky temalary çagalara nähili öwretmelidigi, has netijeli bolan haýsy usullaryň we tärleriň ulanylmalydygy baradaky wezipe biziň işimiziň nazaryýetinde we amalyýetinde esasy orunda durýar. Körpe nesilleriň bilim we terbiýesi bilen bagly alyp barýan işlerimizi kämilleşdirmek maksady bilen, terbiýeçiler bilen usuly-amaly we hünär kämilleşdiriş okuwlary, wagyz-nesihat duşuşyklary geçirilýär. Halypa terbiýeçileriň, öňdebaryjy bilim işgärleriniň iş usullary öwrenilýär. Şeýle hem şäheriň çägindäki mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelenýän çagalaryň arasynda zehin bäsleşikleri, sport ýaryşlary guralýar. Aýdym-sazly döredijilik çykyşlary hem guramaçylykly geçirilýär.

**Maýagözel SAZAKOWA,**
**Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň mekdebe çenli bilim, terbiýe we mekdepden daşary edaralar bölüminiň müdiri.**

# MILLI BUÝSANJYMYZYŇ NUSGASY

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gazanan üstünlikleriniň dowamat-dowam boljak şu ýylynda halkymyz röwşen geljege, belent maksatlara tarap ynamly gadam urýar. Halkymyz şu ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygar astynda täze zähmet üstünliklerini, ösüşlerini, döwletimiziň dünýä derejesindäki abraýyny pugtalandyrmakda uly öňegidişlikleri gazanmagy maksat edinýär.

Magtymguly Pyragy bedew atlar dogrusynda: «Atda aýak bolsa özge syn bolmaz» diýýär. Bu ýöne ýere däldir. Bedew atlaryň esasy gymmatlygy, tapawutly aýratynlygy olaryň aýagy bilen gylygyndadyr. Halkymyzda «Bedew at menzil keser», «Çyn bedewler meýdanynda bellidir», «Gawun gabygyndan tanalar, bedew — söbüginden», «Taý ata ýetirer, at — myrada» diýilýär. Bu parasatly sözler Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen çap edilen «Paýhas çeşmesi» atly ajaýyp kitapda-da öz beýanyny tapandyr. Halk paýhasynda şeýle jümleleriň bedewler bilen baglanyşdyrylyp döredilmegi olara bolan sarpanyň has irki döwürlerden gözbaş alyp gaýdýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Hawa, bedewlerimiz halkymyzyň ruhy ganatydyr, toý-baýramlarymyzyň ýaraşygydyr, gözelligiň nusgasydyr, döwletliligiň nyşanydyr. Olaryň ýelden ýyndamlygy bolsa öňe tarap okgunly hereketlerimiziň alamatydyr. Şonuň üçin öňki döwürde toý-baýram günlerinde türkmen ýigitleri öz bedewini alagaýyşdyr göwüsbent, zerden tikilen toý köýnekçesidir tylla gaşly eýer bilen altyn-kümüş şaý-seplere bezäp, seýil-seýran edipdirler. Olar çapuwlara, at üstündäki oýunlara gatnaşyp, öz ussatlygyny we erjelligini görkezipdirler.

**Kuwwat SABYROW,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.**



# KÖRPELERIŇ ÖSÜŞINDE OÝUNLARYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda berk bedenli, sagdyn ruhly, töwerekleýin pikirlenip bilýän, giň gözýetimli, kämil nesli terbiýeläp ýetişdirmek wezipesine aýratyn ähmiýet berilýär. Mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelenýän körpe nesliň döwrebap bilim we terbiýe almagy üçin häzirki zaman tehnologiýalaryndan, okatmagyň işjeň usullaryndan, öňdebaryjy iş tejribelerinden peýdalanylýar. Ýurdumyzyň mekdebe çenli çagalar edaralarynda hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen şahsyýetleri kemala getirmekde okuw maksatnamasy esasynda işjeň usullardan peýdalanyp, sapaklar guralýar. Körpeleri beden, aň hem-de düşünje taýdan ösdürmekde bilim we terbiýe beriji oýunlar uly ähmiýete eýedir. Olardan «Ýerini tap!», «Sesinden tana!», «Näme ýetenok?» ýaly oýunlara çagalar işjeň gatnaşýarlar. Käbir körpeler bolsa hereketli oýunlary oýnamagy halaýarlar. Şonda çagalar öz hereketini, güýjüni, sabyrlylygyny, özüne erk etmegi, ýoldaşlaryndan tapawutly taraplaryny görkezýärler. Bu oýunlar körpäniň sapaga ünsüni jemlemek endigini ösdürmäge, wagtlaryny gyzykly we şadyýan geçirmäge, iň esasy-da, olaryň öz-özüni terbiýelemäge ymtylyşyny artdyrmaga kömek edýär. Mundan başga-da, çagalara sapakdan daşary hereketli oýunlar «Aýterek — Günterek», «Awçy we ördek», «Gözdaňdy» ýaly hereketli türkmen milli oýunlary oýnadylýar.

Milli we hereketli, didaktiki, öwrediji oýunlar çagalarda psihiki we fiziki ýükleriň özlerine düşýän agramynyň öňüni almaga, kynçylyklary ýeňip geçmäge, islendik işi ýerine ýetirmäge höwes bilen taýýarlanmaga ýardam edýär. Oýunlar çagalarda dostluk, özara goldaw, biri-birine duýgudaşlyk etmek ýaly möhüm ahlak häsiýetlerini terbiýeleýär.

Terbiýeçi çagalara goşulyp, dürli oýunlary bilelikde oýnamak bilen, olarda dogruçyllyk, zähmetsöýerlik, birek-birege kömek etmek, öz islegiňi toparyň islegi bilen utgaşdyryp bilmek ýaly ýokary ahlak sypatlarynyň, ýatkeşliginiň, ugurtapyjylygynyň, sözleýşiniň kämilleşýändigine göz ýetirip bilýär. Şeýle-de terbiýeçi körpeleriň höwes bilen oýnaýan oýunlaryny kesgitlemäge we didaktiki, hereketli, sýužetli milli oýunlary oýnatmagyň üsti bilen körpeleriň pikirlenişini, ýadyny, ünsüni, erkini ösdürmäge çalyşýar. Oýunlar çagalaryň bedeniniň daşky gurşawyň ýaramaz täsiriniň garşysyna durnuklylygyny ýokarlandyrýar, daýanç-hereket ediş ulgamyny berkidýär. Çagalarda dostdoganlyk aragatnaşygyny, birek-birege hormat goýmak duýgusyny kemala getirýär. Terbiýeçilik işleriniň toplumlaýyn ýola goýulmagy mekdep ýaşly çagalaryň aň-düşünjesiniň, ukyp-başarnyklarynyň we endikleriniň, pikirlenmesiniň, erkliliginiň has-da berkemeginiň möhüm şerti bolup, olaryň öz bilimleriniň üstüni özbaşdak doldurmagyna ýardam edýär. Oýunlar körpelerde täze maglumatlary öwrenmäge, bilmäge bolan höwesi has-da ýokarlandyrýar.

**Orazdursun BABAÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki 129-njy çagalar bagynyň terbiýeçisi.**

Usulyýet — sapagyň esasy

# OKUWÇYLARYŇ LABYZLY OKAÝYŞ ENDIKLERINI ÖSDÜRMEK

Orta mekdeplerde edebiýat sapaklaryny täsirli guramakda birnäçe işjeň usullary ulanýarys. Okuwçylarda sapaga işjeň gatnaşmak, derse gyzyklanma döretmek mugallymyň sapagy gurap bilmek ukybyna bagly bolýar. Şonuň üçin sapagyň netijeliligini, okuwçylaryň türkmen edebiýatyny, halk döredijilik eserlerini öwrenmäge bolan höwesini ýokarlandyrmak maksady bilen, sapakda özleşdirilýän tema degişli täze maglumatlardan, okuw-görkezme esbaplardan we tehniki serişdelerden ýerlikli peýdalanýarys. Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitaby ýaşlary milli ruhda terbiýelemekde aýratyn ähmiýete eýedir. Ata-babalarymyzyň paýhasy bilen durmuşyň edep kadalaryna öwrülen halk nakyllaryny özünde jemleýän «Paýhas çeşmesi» atly kitap geçmişiň hakydasyny, durmuş tejribesini özüne siňdirip, pikir çugdamlygy, many goýazylygy, durmuşylygy bilen aýratyn tapawutlanýar. Sapakda bu nusgalyk kitaplar hakynda beýan edýäris we okuwçylara öýde özbaşdak okamaklaryny tabşyrýarys. Şeýlelikde, olarda çeper edebiýata gyzyklanma hem-de özbaşdak kitap okamak endigi döreýär.

5 — 6-njy synplarda edebiýat sapaklarynda okuwçylaryň labyzly okaýyş endikleri ösdürilýär. Şunda çeper we okuw kitaplary bilen birlikde, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň nusgalyk kitaplary biz — mugallymlara örän ähmiýetli gollanma bolýar. Bu kitaplary sapakda okuwçylar labyzly okap berýärler. Okan bölekleriniň manysyny dilden düşündirmek arkaly öz pikirlerini beýan edýärler. Şeýlelikde, okuwçylaryň labyzly okaýyş, özbaşdak pikirlenmek hem-de sözleýiş endikleri kemala gelýär. Okuwçylaryň dil baýlygyny ösdürmekde, labyzly okaýyş endiklerini kämilleşdirmekde şygryýetiň we kyssa eserleriniň hersiniň aýratynlygy hakynda okuwçylara giňişleýin düşündirip, sapakda labyzly goşgy okamak boýunça bäsleşik guraýarys. Goşgy okalanda, hoş owazlylyga, sözleriň dogry aýdylyşyna, säginmäniň dogry berlişine üns berýäris. Goşgyny çeper dilde labyzly okan okuwçylary höweslendirýäris.

Şeýle-de edebiýat dersi boýunça labyzly okuw sapaklarynda okuwçylar özbaşdak okan eserlerini gürrüň berýärler, ýat tutan goşgularyny aýdýarlar. Bu bolsa



okuwçylaryň ýatkeşligini berkidýär, söz baýlygyny artdyrýar. Okuwçylaryň türkmen edebi dilinde medeniýetli we dogry sözleýşini gazanmakda, söz baýlygyny ösdürmekde edebiýat sapaklaryny işjeň usulda guramagyň ähmiýeti örän uludyr.

**Ýazbibi MÄMEDOWA,**
**Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 25-nji orta mekdebiň mugallymy.**

## Köňül kelamy

Täze ösüş, üstünlige beslenýär bedew badymyz,
Hasyl bolýar isleg-arzuw, myrat tapýar maksat tutan.
Parahatlyk, asudalyk — ýörelge, göwün şadymyz,
Öňe barýar, eziz Diýar, Garaşsyz, Bitarap Watan!

Türkmen halkymyz agzybir, ümzügimiz öňe tarap,
Ýylyň şygary buýsançly, owazy bagtyň mukamy.
Eziz Diýar, ata Watan, «Garaşsyz, baky Bitarap
Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany».

Daglarynda gudrat bardyr, topragy melhemdir jana,
Owaldandyr, ozaldandyr bu milletiň ýalkanyşy.
Döwrümizde buýsanç bardyr, beslenýär şöhrata-şana
Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy.

Bu gün gadym Oguz ýurdy — kämil sungatyň eseri,
Gojaman Köpetdagymyz buşlaýar her daň-säheri.
Dünýä ýüzi haýran galýar, nuranadyr belent-pesi,
Milli Lider paýhasyndan dörän Arkadag şäheri.

Bagt gujagy — sebitde ýeke-täk «akylly» şäher,
Ajaýyplygyň nusgasy, binagärligiň merjeni.
Çar tarapdan myhmanlary mähir bilen garşy alar,
Dost-doganlyk, parahatlyk, ynanyşmagyň merkezi.

Il abadan, ýurt parahat, gül çagalar şat seslenýär,
Gülläp ösüş, berkden binýat — il-ulsumyzyň ak bagty.
Aziýanyň merjen şäheri rowaçlyga beslenýär,
Ak şäherim Aşgabadym — Türkmenistanyň paýtagty.

Bu gün bir supraň başyna jem agzybir il, bäş welaýat,
Sagdyn çaga, kämil nesil — bu döwletiň hazynasy.
Ynsanperwer ýörelgämiz birek-birege hemaýat,
Beýik işleriň beýany — haýyr-sahawat gaznasy.

Gahryman Arkadagymyz her bir işde göreldämiz,
Buýsanç çäksiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza.
«Ýaşlar — Watanyň daýanjy» — nusgalykdyr ýörelgämiz,
Beýik ynam, uly umyt — iň ýokary serpaý bize.

**Sanjar ATAÝEW,**
**«Mugallymlar gazeti».**

## Eziz Diýar

Ýüregimizde joşýar waspyň, tarypyň,
Reýhan gül-gunçalar guçan, Diýarym.
Keremli topragyň, baýdyr taryhyň,
Şöhratly taryhly gadym Diýarym.

Kalbymyň mukamy şirin dessanym,
Parahat Zeminiň, dury asmanyň,
Kändir çar tarapdan gelýän myhmanyň,
Duz-çörekli gujak açan Diýarym.

Behişdi bedewiň, ajaýyp halyň,
Agzybir halkymyz güýjüdir siliň,
Dowamatly nesliň, bagtyýar ilim,
Äleme nuruny seçen Diýarym.

Buýsanjymyz Gahryman Arkadagymyz,
Arkadagly Gahryman Serdarymyz,
Ösüşe beslenýär bedew badymyz,
Dünýä gujagyny açan Diýarym.

## Baharda

Datlydyr miwesi, boldur nygmaty,
Toý-baýram jahana dolýar baharda.
Çar ýany bezeýär bilbil nagmasy,
Guşlar şirin sazlar çalýar baharda.

Belent daglar başyn bürär dumana,
Tebigat beslener läle-reýhana.
Töwerek öwrüler gözel jemala,
Şatlyk bolýar, kalplar gülýär baharda.

Älemgoşar dogýar bezäp asmany,
Garşy alýar alabahar şemaly.
Güllere bäs eder onuň jemaly,
Bägül gül-gunçasyn açýar baharda.

Bereketdir çyn zähmetiň baýragy,
Gyzyl-elwan güller bezär toýlary.
Ýürekleriň soňlanmajak aýdymy,
Köňle ylham dolýar ajap baharda.

Ýüzlerde ýylgyryş, açylýar göwün,
Şahyr goşgy goşar, joşar has bu gün,
Çägi bolmaz maksatlaryň, arzuwyň,
Gursaklara ylham gelýär baharda.

**Söhbet**
**MERETGELDIÝEW,**
**Bäherden etrabyndaky**
**16-njy orta**
**mekdebiň müdiri.**



## TEBIGATYŇ GÖZEL KEŞBI

**Häzirki bahar paslynyň dowam edýän günlerinde ýurdumyzyň dürli künjeklerinde tebigatyň gözelliklerini görmek bolýar. Esasan hem, sähralaryň gözel keşbi, guşlaryň owazy özboluşly sazlaşygy emele getirýär.**

Sähralardan öwüsýän mylaýym şemal bahar paslynyň ajaýyplygyny, tebigata edýän täsin täsirini aňladýar. Şeýle ajaýyp hem-de täsin sähraýy ýerleriň biri hem Repetek goraghanasydyr. Bu ýer türkmen topragynyň täsin künjegi hasaplanýar.

Garagum sährasynyň iň gözel ýerleriniň biri hasaplanýan Repetek goraghanasy köp ýyllaryň dowamynda alymlar, tebigaty öwrenijiler tarapyndan öwrenilip gelnipdir. Türkmen topragynyň bu täsin künjegini dünýä alymlaryndan Nikolaý Wawilow, Wasiliý Dokuçaew we beýlekiler öwrenipdirler. Bu alymlaryň ylmy garaýyşlary türkmen tebigatyny öwrenmekde gymmatly maglumatlar bolup gelipdir. Hut şu nukdaýnazardan, sähranyň täsin ýerlerini hem-de gara sazaklaryny goramak esasy maksat bolupdyr. Bu ýerde geçen asyrda goraghananyň döredilmegi hem şeýle asylly maksatlardan ugur alandyr.

Köp ýyllaryň dowamyndaky ylmy maglumatlarda bu ýeriň toýunly-gumly hem-de çägeli topragynyň bardygy beýan edilýär. Bu künjeklerde alaňlaryň bolmagy hem bellärliklidir. Bahar paslynda bu alaňly hem giňiş sährada açyk-gyzyl, sary güller açylýar.

Bu täsin gurşawda janly-jandarlaryň hem, haýwanlaryň hem mekan tutandygyny görmek bolýar. Repetek goraghanasynda Garagum sährasynda ýaşaýan dürli görnüşli guşlaryň, süýrenijileriň, mör-möjekleriň 90 göterim görnüşi bar diýlip hasap edilýär. Kebelekler, möýler we beýleki ownuk jandarlar bu ýerde mekan tutandyrlar. Süýrenijilerden pyşdyl, gumdaky uzyngulak gulanlar hem bu sähralarda mekan tutandyrlar. Ýylanlardan kepjebaşa duş gelmek bolýar, umuman, ýylanlaryň on iki görnüşine çenli gabat gelýär. Şonuň ýaly-da guşlaryň iki ýüzden gowragynyň bardygyny bellemek gerek. Repetek goraghanasyndaky garagulaklar, jerenler, hindi oklukirpileri Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilendir. Bu goraghananyň şeýle jandarlaryny gorap saklamak biodürlüligi üpjün etmek bolup durýar.

Türkmen topragynyň tebigy täsinligi bolan goraghanalar hakynda mekdep okuwçylaryna hem öwretmek asylly ýörelgämize öwrüldi. Biologiýa, geografiýa sapaklarynda we wagyz-nesihat çärelerinde gözel tebigatymyzy gorap saklamak, geljek nesillere ýetirmek ýaly ýörelgeler wagyz edilýär. Bu bolsa ýaş nesillerde ata-baba ýörelgelerimize sarpany, watansöýüjiligi terbiýeleýär.

**Umyt ATAÝEW,**
**Babadaýhan etrabyndaky 6-njy orta mekdebiň mugallymy.**

## Watan

Buýsanç bilen köňüllerde beslänim,
Mukaddes topragym, ata Watanym!
Şygyr ýazyp, dillerimde dessanym,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

Gadymy ýollaryň şanly yzy bar,
Bu şanly günleriň bahar-ýazy bar,



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Ajaýyp döwürde iller bagtyýar,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

Daglaryň belentdir, düzleriň giňdir,
Sähralaryň altyn, asmany päkdir,
«Watan» diýen sözüň manysy çuňdur,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

Pederleriň baky yzlary galan,
Ýürekde öçmejek sözleri galan,
Şan-şöhraty bilen dünýä tanalan,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

Baglaryň gülläpdir, ýazlaryň geldi,
Guşlaryň owazy kalplara doldy,
Iller bu gün baky bagtyýar boldy,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

Baýdagym belentdir, döwlet berkarar,
Parahatlyk ýoly dünýäde ykrar,
Ýurdumyz ösüşden ösüşe barýar,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

Gadym taryhyň bar bäş müň ýyl aşan,
Bu gün dünýä doldy şöhratyň-şanyň,
Älem içre aýan abraýyň, adyň,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

Buýsanjymyz, Gahryman Arkadagymyz,
Arkadagly Gahryman Serdarymyz,
Köňül guwanjymyz, dilde senamyz,
Mukaddes topragym, ata Watanym!

## Ene dilim

Gadym dilim pederlerden mirasdyr,
Ene dilim, eziz dilim, zybanym.
Köňüllere paýhas, joşgun telwasdyr.
Ene dilim, eziz dilim, zybanym.

Dilim baýdyr, dünýä ýaly giňdir ol,
Dünýä içre şöhratymdyr, şandyr ol,
Hazynamdyr, baýlygymdyr, kändir ol,
Ene dilim, eziz dilim, zybanym.

Pyragynyň paýhasy deý ýaň salan,
Danalaryň dili bolup ýaňlanan,
Her bir sözi many bolan, çuň bolan,
Ene dilim, eziz dilim, zybanym.

Her harpda bir taryh, her sözde many,
Dildir halkyň baky ruhy ykbaly,
Köňülde, ýürekde pikir bossany,
Ene dilim, eziz dilim, zybanym.

Mukaddes mirasym, ruhy barlygym,
Dilde jemlenýändir pikir barlygym,
Bu dünýäde iň gymmatly baýlygym,
Ene dilim, eziz dilim, zybanym.

Pederleriň pähmi, kasam-antydyr,
Paýhasly sözleri baky pent eden,
Pederleriň ýoly, ata pendidir,
Ene dilim, eziz dilim, zybanym.

**Jennet MUHAMMETGULYÝEWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň okuw bölüminiň hünärmeni.**

## BILIMLI ÝAŞLAR — RÖWŞEN GELJEGIMIZ

Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň we döwlet berkararlygynyň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmak esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyny işjeň durmuşa geçirmäge, ýurdumyzyň halkara giňişligindäki abraýyny mundan beýläk-de artdyrmaga gönükdirilen uly işler amala aşyrylýar.

2026-njy ýyl — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda, ýagny mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň toýlanýan günlerinde ýurdumyzyň bilim ulgamynda hem uly özgerişlikler we öňegidişlikler gazanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmek, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, maglumat-tehnologik ösüşlerden oňat baş çykarýan kämil ýaş hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, ýurdumyzyň orta bilim berýän we ýokary okuw mekdeplerine dünýä ylmynyň soňky gazananlaryny, maglumat tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmaga dahylly işler ýola goýulýar. Ýurdumyzyň döwlet syýasatynda milli bilim ulgamyny sanlylaşdyrmaga uly ähmiýet berilýär.

Mälim bolşy ýaly, häzirki zaman kompýuter ulgamy we aragatnaşyk serişdeleri yzygider kämilleşdirilýär, önümçilik awtomatlaşdyrylyp, elektron resminama dolanyşygy ornaşdyrylýar. Eziz Watanymyzda bilim ulgamy bilen deň derejede köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde, sport ulgamy üçin ýokary derejeli hünärmenleri, ussat türgenleri taýýarlamakda netijeli başlangyçlar alnyp barylýar. Bilim edaralarynyň okuw-usulyýet üpjünçiligini gowulandyrmak, şol sanda döwrebap kitaphanalary gurmak arkaly ýokary bilimli, sazlaşykly ösen ýaşlary taýýarlamak boýunça çäreler giň gerime eýe bolýar. Öwredilýän daşary ýurt dilleriniň gerimini giňeltmek babatdaky işler bu ugurda nobatdaky möhüm ädimdir. Bu asylly işler halkara hyzmatdaşlygyň çägini işjeň giňeltmäge we ýaş nesillere dünýä dillerini has hem çuňlaşdyryp öwretmäge ýol açýar.

**Aýjemal SARYÝEWA,**
**Ak bugdaý etrabyndaky 1-nji orta mekdebiň mugallymy.**

## «AÇYK GAPYLAR» GÜNI

**Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty 2026 — 2027-nji okuw ýylynda ýokary okuw mekdebine okuwa girmäge isleg bildirýän gutardyş synp okuwçylaryny, şeýle hem esgerleri we önümçilikde zähmet çekýän ýaşlary şu ýylyň 25-nji aprelinde we 16-njy maýynda sagat 15:00-da «Açyk gapylar» gününe çagyrýar.**

«Açyk gapylar» günlerinde ýaşlara ýokary okuw mekdebinde alnyp barylýan okuw-usuly, ylmy-barlag, terbiýeçilik, medeni-köpçülik işleri hem-de okamak, dynç almak, sport bilen meşgullanmak babatda döredilen şertler, şeýle hem institutda taýýarlanylýan hünärler we taýýarlyk ugurlar barada giňişleýin maglumat berler.

Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty baradaky maglumatlar bilen **www.tdei.edu.tm** web saýtynda tanşyp bilersiňiz.

**Institutyň salgysy:** Mary şäheriniň Baýramhan köçesiniň 62-nji jaýy.
**Telefon belgileri:** 800522-5-75-10, 800522-5-75-17.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty 2026 — 2027-nji okuw ýylynda instituta okuwa girmäge isleg bildirýän ýaşlary şu ýylyň 25-nji aprelinde we 9-njy maýynda sagat 15:00-da «Açyk gapylar» gününe çagyrýar.**

Hormatly Prezidentimiziň milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek babatda durmuşa ornaşdyrýan döwrebap özgertmeleri, institutda alnyp barylýan işler, şeýle hem taýýarlyk ugurlary, olara degişli hünärler, okuw-usuly, ylmy-barlag, terbiýeçilik, medeni-köpçülik işleri hem-de okamak, ýaşamak, medeniýetli dynç almak, sport bilen meşgullanmak üçin döredilen şertler barada «Açyk gapylar» günlerinde ýaşlara giňişleýin maglumat berler.

«Açyk gapylar» günleri Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda geçirilýär.

**Salgysy:** Türkmenabat şäheri, Şabende köçesiniň 7-nji jaýy.
**Telefon belgileri:** 800422-3-04-21, 3-67-02, 3-25-44.
Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty baradaky maglumatlar bilen **www.tdmugi.edu.tm** web saýtynda tanşyp bilersiňiz.

**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebi 2026 — 2027-nji okuw ýylynda okuwa girmäge isleg bildirýän ýaşlary şu ýylyň 22-nji aprelinde we 8-nji maýynda sagat 14:00-da «Açyk gapylar» günlerine çagyrýar.**

«Açyk gapylar» günlerinde ýaşlara Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada alyp barýan özgertmelerine laýyklykda, Mugallymçylyk mekdebinde taýýarlyk ugurlary, olara degişli hünärler, okuw-usuly, terbiýeçilik, medeni-köpçülik işleri hem-de okamak, ýaşamak, medeniýetli dynç almak, talyplaryň sport bilen meşgullanmaklary üçin döredilen ähli şertler barada giňişleýin maglumat berler.

**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň salgysy: Aşgabat şäheriniň Görogly köçesiniň 124-nji jaýy.**

**Telefon belgileri:** 90-62-04, 90-63-96.


XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.



TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4833001500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-118416



Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.